# Bes! – diýýär

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bes! – diýýär BES! – DIÝÝÄR

Ýer şarynyň ähli sada ynsany,
Jellat, çek eliňi, indi bes! – diýýär.
Gul etmek başartmaz saňa Liwany,
Eglenme-de öz ýurduňa ös! – diýýär.

Aýagyna gandal uraýar ýaly,
Yzladyp mal kimin süräýer ýaly,
Öz erkini saňa beräýer ýaly,
Araplaryň senden nirsi pes! – diýýär.

Näme üçin men ýagty dünýä geldim – diýp,
Açylmadyk gunça ýaly soldum – diýp,
Eý waý, eje, waý, ejejan, öldüm – diýp,
Eşdilmesin dat-perýatly ses – diýýär.

Bet hyýally, jellat, her ýan urunýaň,
Ýaragyňy gezäp nirä sürünýäň?
Näme özgäň mekanynda görünýäň?
Baýlygyň aşygy sen näkes! – diýýär.

Zemzen ýaly haýbat atyp çişme-de,
Agzyňdan ot sowup öňe süýşme-de,
Beýdip, jenap, oda-köze düşmede,
Ganly ädigiňi yza bas! – diýýär.

Baýram JÜTDIÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular